28-nji iýunda Türkmenistanyň Mejlisiniň ýedinji çagyrylyşynyň dokuzynjy maslahaty geçirildi. Onda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň we Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzyň milli kanunçylygyny döwrüň talaplaryna laýyklykda mundan beýläk-de kämilleşdirmek barada berýän gymmatly maslahatlaryndan we öňde goýan wezipelerinden ugur alyp, döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryna hem-de ýurdumyzyň kanunçylyk-hukuk binýadyny döwrebaplaşdyrmak boýunça toplumlaýyn maksatnama laýyklykda işlenip taýýarlanylan kanun taslamalarynyň  birnäçesine garaldy we kabul edildi.

Maslahata degişli ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň birnäçesiniň hem-de köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri çagyryldy. Kabul edilen kanunlar olaryň taslamalarynyň deslapky ara alyp maslahatlaşylmagy netijesinde işlenilip taýýarlanyldy.

«Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň täze beýanyny tassyklamak we herekete girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasy parlamentarileriň ara alyp maslahatlaşmalaryna hödürlenen ilkinji taslamalaryň biri boldy.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň Raýat  kodeksi 1998-nji ýylda kabul edilip, ol 1999-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan herekete girizilipdi. Bu Kodeksiň taryhy ähmiýeti barada aýdylanda, ol bazar  demokratiýasyny, hususyýetçiligi ösdürmekde täze döwri alamatlandyran waka boldy. Kodeks eýeçiligiň ähli görnüşleriniň, raýat-hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň deňligi we şertnamanyň erkinligi ýörelgelerini jar etdi.

Kodeksiň kabul edileni bäri geçen çärýek asyrdan gowrak wagtyň dowamynda Garaşsyz, bitarap  ýurdumyz öz  depginli ösüşünde  birnäçe galkynyşly döwürleri başdan geçirdi we dünýäniň  özygtyýarly döwletleriniň hatarynda mynasyp orna eýe boldy. Ýurdumyzyň dünýäniň  syýasy, ykdysady, hukuk  we beýleki ugurlarynda halkara giňişligine işjeň hem-de çalt depginler bilen goşulyşmagy, bazar ykdysadyýetiniň, telekeçiligiň we işewürligiň ösdürilmegi, adamyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň giňeldilmegi häzirki wagtda Kodeksi döwrebaplaşdyrmagyň  zerurlygyny ýüze  çykardy.

Şunuň bilen baglylykda, Kodeksiň taslamasy Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Türkmenistanyň Mejlisiniň ýedinji çagyrylyşynyň birinji maslahatynda eden çuň manyly, maksatnamalaýyn çykyşynda ýurdumyzyň raýat-hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek we  oňa  halkara hususy hukugyna degişli kadalary hem girizmek  barada öňde goýan  wezipelerinden ugur alnyp, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hünärmenleriniň gatnaşmagynda germaniýaly bilermenler bilen hyzmatdaşlykda işlenilip taýýarlanyldy.

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026



Türkmenistanyň Mejlisiniň Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komitetiniň başlygy, 104-nji «Peşanaly» saýlaw okrugyndan deputat Ýusupguly Eşşäew öz çykyşynda kanun taslamasyny taýýarlamak boýunça alnyp barlan işler barada giňişleýin durup geçdi.

Ýurdumyzda hereket edýän kanunçylyga, halkara tejribesine, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary hem-de häkimlikler tarapyndan berlen tekliplere, deputatlardan, ylmy jemgyýetçiligiň hem-de ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň hünärmenlerinden ybarat düzümde Mejlisde döredilen ýörite iş topary tarapyndan geçirilen seljerme esasynda taýýarlanylan taslamada Raýat kodeksi gurluş taýdan kämilleşdirildi.

Kodekse ýurdumyzyň alyp barýan ynsanperwerlik syýasatyna laýyklykda täze goşulan bapda fiziki we ýuridik şahslar tarapyndan haýyr-sahawat işiniň hem-de haýyr-sahawat bagyş etmeleriniň hukuk esaslary beýan edildi.

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026

Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň täze beýanynyň kabul edilmegi ýurdumyzda raýat-hukuk gatnaşyklarynyň kanunçylyk binýadynyň döwrüň ösen talaplaryna laýyklykda kämilleşdirilmeginde hem-de daşary ýurt şahslarynyň gatnaşmagyndaky ýa-da daşary ýurt elementli raýat-hukuk gatnaşyklary babatda ulanylýan hukuk esaslaryň berkidilmeginde möhüm ähmiýete eýe bolar.



Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň direktory, hukuk ylymlarynyň doktory  Ýagmyr Nuryýewiň çykyşynda ýurdumyzyň Garaşsyzlyk ýyllarynda toplan tejribeleri, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalary, dünýä ýurtlarynyň oňyn tejribeleri Kodeksiň täze beýanyna ornaşdyrylandygyny bellenip geçildi. Muňa Kodeksiň umumy böleginiň maddalaryndaky adalgalaryň, düşünjeleriň hemmeler üçin düşnükli bolmagy, umumy düzgünleriň Kodeksiň aýratyn bölegindäki baplarynda, şeýle-de ýörite kanunçylykda aýdyňlaşdyrylmagy, durmuşa geçirilmegi üçin düzgünleriň emele getirilmegi

Все права защищены

ugrunda geçirilen işler mysal bolup durýar. Bu maddalaryň täze beýanlarynda, hukugyň ähmiýetiniň ösüşi, wezipeleriniň baýlaşmagy şöhlelenýär we durmuş-ykdysady ösüşlere kanunçylygyň netijeli täsiriniň kämilleşmegi öz beýanyny tapýar.

Raýat kodeksine halkara hususy hukugy baradaky ýörite bölümiň goşulmagy milli kanunçylygyň halkara hukuk kadalary bilen sazlaşygyny üpjün etmäge gönükdirilendir.

Umuman aýdanyňda, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň kadalarynyň döwrebaplaşdyrylmagy häzirki zaman we geljekki bazar gatnaşyklarynyň, ykdysadyýetiniň durnukly ösüşini üpjün etmekde mynasyp orna eýe bolar. Kodekse täze maddalaryň we bölümleriň girizilmegi bolsa raýat-hukuk gatnaşyklarynyň dünýä tejribesi bilen milli tejribäniň sazlaşykly utgaşdyrylmagynyň beýanydyr.



Türkmenistanyň Magtymguly  adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň başlygy,

Все права защищены

43-nji «Balkanabat» saýlaw okrugyndan deputat Ýazpolat Keriýew öz çykyşynda deputatlaryň ünsüni Kodeksiň taslamasynyň möhletler, goňşuçylyk hukugy, zyýanyň öwezini dolmak borjy bilen bagly käbir kadalara çekdi. Taslamada möhletler bilen bagly kadalaryň mazmun taýdan hem-de beýan edilişiniň kämilleşdirilendigi aýratyn bellärliklidir.

Şeýle hem ol  Kodeksiň taslamasynda beýan edilen goňşuçylyk hukugyna degişli käbir kadalaryň üstünde durup geçdi. Ilki bilen taslamada ikitaraplaýyn täsiriň ýüze çykyp biljek her bir ýer bölegi ýa-da gaýry gozgalmaýan emlägiň goňşy diýlip hasap edilýändigi barada düşünje berilmegi hem-de goňşuçylyk hukugyna degişli kadalarda goňşynyň ýer bölekleriniň ýa-da gaýry gozgalmaýan emlägiň eýeleriniň, kanunda göz öňünde tutulan hukuklardan we borçlardan başga ýagdaýlarda birek-birege özara hormat goýmak borçlarynyň aýdyň kesgitlenmeginiň, halkymyzyň gadymdan gelýän goňşuçylyk gatnaşyklarynyň häzirki döwürde mynasyp dowam etmegi üçin örän ähmiýetlidigini bellemek gerek.

«Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň täze beýanyny tassyklamak we herekete girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi ýurdumyzda raýat-hukuk gatnaşyklarynyň has-da kämil we netijeli düzgünleşdirilmegine ýardam eder.

Şeýle hem Kodeks boýunça çykyş eden deputatlar we Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygynyň, Türkmenistanyň Baş prokurorynyň, Türkmenistanyň Adalat ministriniň orunbasarlary, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň durmuşa geçirýän ynsanperwer syýasatyna laýyklykda amala aşyrylýan haýyr-sahawat işiniň kämil hukuk binýadyny emele getirmek maksady bilen, Raýat kodeksine haýyr-sahawat işi bilen baglanyşykly gatnaşyklary kadalaşdyrýan babyň, şonuň ýaly-da daşary ýurt raýatlarynyň ýa-da daşary ýurt ýuridik şahslarynyň gatnaşmagyndaky ýa-da beýleki daşary ýurt elementli raýat-hukuk gatnaşyklary babatda ulanylýan halkara hususy hukugynyň kadalary beýan edilýän bölegiň girizilýändigini bellediler.

Kodeksde ulanylýan adalgalara milli kanunçylygymyzyň tejribesine laýyklykda düşünjeler berildi we olaryň mazmuny doly açylyp görkezildi. Şonuň ýaly-da Kodeksiň bölümleriniň we baplarynyň belgileri, maddalarynyň gurluşy «Hukuk namalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda görkezildi  hem-de Kodeksiň hereket edýän kadalary Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, hereket edýän kanunlar bilen sazlaşykda döwrebaplaşdyryldy.

Kodeksiň fiziki şahsyň telekeçilik işi we batyp galmagy barada; raýatyň hukuk ukyby, kämillik ukyby, adyna bolan hukugy kesgitlenilende ulanylýan hukugy; hossarlyk we howandarlyk; raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet belligine almak; jemgyýetçilik birleşikleri we jemgyýetçilik gaznalary baradaky hukuklar, şeýle hem geleşikler, wekilçilik;

Все права защищены

möhletler; zat (emläk) hukugy; eýelik etmek; eýeçilik; goňşuçylyk hukugy; girew; ipoteka; gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň Döwlet sanawy; borçnamalaýyn hukuk; şertnamalaýyn hukuk; intellektual eýeçilik hukugy; ätiýaçlandyryş; bank hyzmaty; bergi borçnamalary; ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak; kärende, miras we beýleki gatnaşyklary düzgünleşdirýän kadalar kämilleşdirildi.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda taýýarlanylan Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň täze beýanynyň kabul edilmegi ýurdumyzda raýat-hukuk gatnaşyklarynyň kanunçylyk binýadynyň kämilleşdirilmeginde hem-de daşary ýurt şahslarynyň gatnaşmagyndaky ýa-da daşary ýurt elementli raýat-hukuk gatnaşyklary babatda ulanylýan hukuk esaslaryň berkidilmeginde möhüm ähmiýete eýe bolar.

Mejlisiň gün tertibine laýyklykda, deputatlar Türkmenistanyň Mejlisi we Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi topar tarapyndan bilelikde taýýarlanylan «Saýlawçylaryň bitewi döwlet sanawy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyna seretdiler.

Maglumatlary saklamak, gaýtadan işlemek we ondan peýdalanmak üçin niýetlenilen, Türkmenistanyň saýlaw hukukly raýatlarynyň döwlet hasabyny üpjün etmek üçin döredilen merkezleşdirilen sanly maglumat ulgamyny döretmek hem-de bu hasabyň dogry we dürs ýöredilmegini, raýatlaryň saýlaw hukugynyň berjaý edilmegini, Döwlet sanawynyň maglumatlarynyň ygtybarlylygyny we goraglylygyny üpjün etmek kanun taslamasynyň esasy maksatlary bolup durýar.

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026



Bu kanun taslamasy  boýunça Türkmenistanyň  Mejlisiniň Ýerli wekilçilikli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen işlemek baradaky komitetiniň başlygy, 18-nji «Bäherden» saýlaw okrugyndan deputat   Maksatberdi  Gurbanow «Saýlawçylaryň bitewi döwlet sanawy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyny taýýarlamak bilen baglanşykly alnyp barlan işleriň barşynda  bu ugurdaky  halkara tejribesiniň we kanunçylyk namalarynyň öwrenilendigini we  onuň Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň başlangyjy boýunça bilelikde taýýarlanyladygyny we degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, şeýle hem ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň teklipleriniň nazara  alnandygyny belläp geçdi.

Kanun taslamasynyň esasy maksady Türkmenistanda saýlawçylaryň we sala salşyga gatnaşyjylaryň bitewi döwlet sanawyny döretmegiň we ýöretmegiň hukuk hem-de guramaçylyk esaslaryny kesgitlemek bilen,  Türkmenistanyň saýlaw hukukly raýatlarynyň

Все права защищены

döwlet hasabyny üpjün etmek üçin döredilen merkezleşdirilen sanly maglumat ulgamyny döretmekden hem-de bu hasabyň dogry we dürs ýöredilmegini, raýatlarynyň saýlaw hukugynyň berjaý edilmegini, Döwlet sanawynyň maglumatlarynyň ygtybarlylygyny we goraglylygyny üpjün etmekden  ybarat bolup durýar.

Bu kanunyň kabul edilmegi «Türkmenistanda 2019 – 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» hem-de «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021 – 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» laýyklykda, saýlaw ulgamynda maglumat tehnologiýalaryny giňden ulanmak arkaly saýlaw işlerine sanly ulgamy döwrebap derejede ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleriň netijeliligini artdyrar.



Şeýle hem bu kanun taslamasy  boýunça Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň başlygy, 33-nji «Ahal» saýlaw okrugyndan deputat Ata Serdarow öz  çykyşynda ýurdumyzda saýlaw ulgamyny kämilleşdirmäge gönükdirilen kanun taslamasynyň ähmiýetini hem-de

Все права защищены

onuň ýurdumyzda amala aşyrylýan toplumlaýyn özgertmelere täze depgin berýändigini we oňyn tejribä bilen baýlaşdyrýandygyny  belledi.

Kanunyň taslamasynda maglumatlary saklamak, gaýtadan işlemek we ondan peýdalanmak üçin niýetlenilen, saýlawçylaryň döwlet hasabyny üpjün etmek üçin döredilen merkezleşdirilen sanly maglumat ulgamy göz öňünde tutulýar. Kanun taslamasynda Döwlet sanawynyň maglumat gory, Döwlet sanawynyň maglumatlary, saýlawçynyň şahsy maglumatlary, saýlawçynyň saýlaw salgysy, saýlawçylaryň Döwlet sanawyny dolandyryjy edara, saýlawçylaryň Döwlet sanawyny ýöredýän toparlar diýlip ulanylýan esasy düşünjelere kesgitleme berilýär. Taslamada bellenilen tertipde saýlawçylar baradaky doly we dogry maglumatlary öz içine alýan maglumatlary saklamak, gaýtadan işlemek we ondan peýdalanmak bilen, saýlawçylaryň döwlet hasabyny, Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlaw hukugynyň berjaý edilmegini hem-de Döwlet sanawynyň maglumatlarynyň ygtybarlylygyny we goraglylygyny üpjün etmek baradaky  üçin kadalar bellenilen.

Kanun taslamasynda saýlawçylaryň döwlet sanawyny döretmegiň we ýöretmegiň çygryndaky esasy ýörelgeler, döwlet sanawyny dolandyryjynyň hem-de döwlet sanawyny ýörediji edaralaryň ygtyýarlyklary we wezipeleri, döwlet sanawyny ýöretmek boýunça hereketleri we olary ýerine ýetirmegiň esaslaryny kesgitlemek bilen, döwlet sanawyny ýörediji edaralara maglumatlary, resminamalary bermegiň, olara ýüz tutmagyň, döwlet sanawynyň şahsy maglumatlaryny döwürleýin täzelemegiň, şahsy maglumatlary anyklamagyň tertibi, döwlet sanawyndaky şahsy maglumatlary peýdalanmagyň tertibi we şertleri, şeýle hem döwlet sanawynyň edaralarynyň çözgütlerine, hereketlerine ýa-da hereketsizligine şikaýat etmegiň, şol sanda kazyýete şikaýat etmegiň tertibi bellenildi.

Soňra maslahatyň gün tertibine laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komitetiniň başlygy, 104-nji «Peşanaly» saýlaw okrugyndan deputat Ýusupguly Eşşäýew  Türkmenistanyň raýatlarynyň daşary ýurtlaryna girmegi babatynda wiza almak üçin zerur bolan resminamalaryň hatarynda iş kesilendigi ýa-da kesilmändigi baradaky kepilnamanyň talap edilýändigini göz öňünde tutup, «Türkmenistanyň içeri işler edaralary hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna goşmaça girizmek hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasynyň taýýarlanylandygyny belläp geçdi.

 Taslama laýyklykda, «Türkmenistanyň içeri işler edaralary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny bilen Içeri işler edaralarynyň üstüne ýüklenilen wezipelere laýyklykda we ygtyýarlyklarynyň çägindäki  borçlarynyň hataryna, bellenilen tertipde şahsyň iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylýan ýa-da aýrylýan pursadyna çenli iş kesilendigi ýa-da iş kesilmändigi barada fiziki we ýuridik şahslara kepilnamalary hem-de talapnamalar boýunça

Все права защищены

maglumatlary bermek barada borjy kesgitleýän täze kada goşmak göz öňünde tutulýar.

Bu Kanunyň kabul edilmegi ýurdumyzyň ynsanperwer syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolan adamyň we raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny goramaga gönükdirilen wezipeleri amala aşyrmaga, adamyň we raýatyň Türkmenistanyň Konstitusiýasynda beýan edilen hukuklaryny we azatlyklaryny mundan beýläk-de netijeli durmuşa geçirmäge uly ýardam eder.



Gün tertibine laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň Ykdysady meseleler baradaky komitetiniň başlygy, 7-nji «Güneş» saýlaw okrugyndan deputat Guwançmyrat Agaýew Türkmenistanyň gümrük serhedinden harytlar, ulag serişdeleri we şahslar geçirilende hem-de gümrük taýdan resmileşdirilende, gümrük maksatlary üçin ulanylýan resminamalarda töwekgelçilikleri ýüze çykarmak we öňüni almak maksady bilen, «Türkmenistanyň Gümrük kodeksine goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasynyň

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026

işlenilip taýýarlanylandygyny belläp geçdi.

Taslama laýyklykda, töwekgelçilikleri dolandyrmak hem-de töwekgelçilikleri dolandyrmak ulgamy barada düşünjeleriň girizilmegi we aýdyňlaşdyrylmagy teklip edilýär. Şeýle hem Türkmenistanyň gümrük edaralary tarapyndan töwekgelçilikleri dolandyrmak ulgamyny ulanmagyň Strategiýasyny kesgitlemek, Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynyň bozulmalarynyň öňüni almak we olary ýüze çykarmak, Türkmenistanyň serhedinden harytlaryň geçirilmegini ýönekeýleşdirmek we tizleşdirmek boýunça şertleri döretmek göz öňünde tutulýar.

«Türkmenistanyň Gümrük kodeksine goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi ýurdumyzyň gümrük ulgamynyň işini döwrebaplaşdyrmak hem-de serhetüsti haryt dolanyşygyny çaltlandyrmak bilen bir wagtda gümrük gözegçiligini ygtybarly guramakda ýakyndan ýardam eder.

Şeýle hem Türkmenistanyň Mejlisiniň Ykdysady meseleler baradaky komitetiniň başlygy, 7-nji «Güneş» saýlaw okrugyndan deputat Guwançmyrat Agaýew Hormatly Prezidentimiziň milli kanunçylygymyzy kämilleşdirmek babatda öňde goýýan wezipelerinden ugur alyp hem-de degişli edaralardan gelip gowşan teklipler  esasynda taýýarlanan   Gümrük gullugy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna goşmaça girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasynyň düzgünleşdirýän meselesi barada  durup geçdi.

Taslama laýyklykda, hereket edýän  kanuna täze bent goşulyp, onda gümrük gullugynyň öz üstüne ýüklenen wezipelerine laýyklykda, Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän hem-de gümrük taýdan resmileşdirilýän harytlar, ulag serişdeleri we şahslar, şeýle hem gümrük maksatlary üçin ulanylýan resminamalar babatda, gümrük gözegçiliginiň görnüşlerini saýlamak üçin töwekgelçilikleri dolandyrmak ulgamynyň döredilýändigi we ulanylýandygy barada kadalary  girizmek göz öňünde tutulýar.

«Gümrük gullugy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna goşmaça girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi Türkmenistanyň gümrük serhedinde gümrük kadalarynyň bozulmalarynyň ýüze çykarylmagyna we olaryň öňüniň alynmagyna ýardam eder.

Türkmenistanyň Mejlisiniň nobatdaky maslahatynyň garamagyna hödürlenen kanunlaryň taslamalary biragyzdan makullanyldy we kabul edildi.

Maslahatyň ahyrynda deputatlar ýokarda agzalan hukuk resminamalarynyň Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylyk ulgamynyň üstüni ýetirip, hormatly

Все права защищены

Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Watanymyzyň ähli ulgamlarynyň okgunly ösüşine gönükdirilen giň gerimli durmuş-ykdysady we demokratik özgertmeleriň mundan beýläk-de üstünlikli amala aşyrylmagy üçin zerur şertleri üpjün etjekdigine ynam bildirdiler.

Parlamentariler ýurdumyzyň milli kanunçylygyny kämilleşdirmekde Türkmenistanyň Mejlisine berýän goldawlary üçin Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza çuňňur hoşallyklaryny beýan etdiler. Şeýle hem deputatlar döwletimiziň kanunçylyk binýadyny mundan beýläk-de berkitmek we kanunçykaryjylyk işini döwrüň talaplaryna laýyk getirmek boýunça gymmatly maslahatlardan we görkezmelerden ugur alyp, kabul edilýän kanunlaryň hem-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň ähmiýetini wagyz etmekde ähli tagallalaryny gaýgyrmajakdyklaryna ynandyrdylar.

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026